# Dag ýere duwlananda… / taryhy hekaýa

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dag ýere duwlananda… / taryhy hekaýa

DAG ÝERE DUWLANANDA…

1878-nji ýylyň ýanwar aýynyň gazaply gyş gijeleriniň ýene biri aýaklap, jahan ýagtylmagyna az wagt galanda, bir aýal Gowşut hanyň öýüniň gapysynyň öňünde gögerdi.
– Aý-u, Humsagül, aý-u, Humsagül, közjagaz bersene, artyp galmyş ojagymyzyň ody öçäýen oguşýa.
Humsagül öňler hem daň atmanka ukudan oýanardy. Jahanyň alagaraňkysynda ojagyň külüni artyp, agşamdan galan közüň üstüne odun oklap, täret suwy gyzdyrmak oňa endik bolup galypdy.
– Wah, ýatyp galaýypdyryn-da. Gara basana dönsem nätjek – diýip, daşardan gelýän aýal sesine tisginip oýanan Humsagül derrew aýak üstüne galdy. – Aý-u, gyz, eýwanda garaşaý, daşarynyň sowugy näbela. Ine, basymjak ot alyp çykaryn.
Ataşgir gözläp, jaýyň içinde sermenip ýören öý bikesi aýlandyrylyp goýberilene dönäýdi. „Şu gün-ä maňa bir zat boldy gyz. Wah, öýüň töründe ataşgir näme işlesin diýsene. Han-ha öňki ýerinde dur-a işigaýdan”. Ol kül atýan pilçesi bilen biraz kül susup aldy-da, ataşgir bilen ojakdan üç-dört sany közi alyp, ýaňky külüň üstünde goýup, şol kül bilen hem olaryň üstüni örtdi. Humsagül köz diläp gelen biçäräniň möhümini bitirmek üçin eýwana tarap ýöneldi. Ol elindäki kepçäni köz diläp gelen aýalyň öz ýany bilen getiren gabyna boşadan badyna, ol aýal gapa tarap howlukdy. Alagaraňkyda Humsagül onuň kimdigini hem tanap ýetişmedi. „Ýyldyza ýöräne dönäýdim-le gyz bu gün. Kimdi gyz ýaňky gelen? Sesi Mamagülüňkä meňzeýärdi. Ol Mamagül bolýan bolsa, beýdip ýüzüni görkezmän gidibermeli bormy gyz? Ýa gaty howlukmaçmydyka ol?”

Bu waka barada uzak pikir edip oturmaga Humsagülüň wagty ýokdy. Ol suw gyzdyrjak, iýer-içer ýaly bir zat taýýarlajak bolup ýörşüne, daňdan gelen aýaly düýbünden unutdy.
Daş çykyp, täret kylyp gelen Gowşut han namazyny okap boldy-da, çaý içmek üçin saçagyň başyna çökdi. Şu gün-ä onuň çaý içip ynjalygy bolmady. Ol dabanynyň aşagynyň awap durmagyna birbada üns bermejek hem boldy. Gowşut hanmy indi sähel-mähel agyra baş galdyrjak. Bu diýeni bolmady. Awuşama agyra ýazdy, agyry süňňüne aralaşyp ugrady. Bu näme boldugyka allajanlarym? Şular ýaly gowgaly günde bir bolgusyz dert  sebäpli güýlünip oturybermeli bolarmyka indi? Yzasy barha artýan çep aýagynyň dabanyna göz aýlan Gowşut hanyň ini düýrügip gitdi. Dabanynyň aşagyndan dömen ganly ýara ep-esli bolup gyzaryp durdy. „Agşam ýatamda-da menden sag adam ýokdy. Irdenem tut ýalydym men. Neneňsi gudrat  boldy bi?” Birden Gowşut hanyň kalbyna gorky aralaşdy. Kän ýyllardan bäri bu duýgudan bihabar gezenindenmi, nämemi, ol aljyrajak ýaly etdi. Ol öz ömründe ölüm bilen kän gezek ýüzbe-ýüz bolupdy. Şol gezekler hem ol beýle duýgyny başdan geçirip görmändi. Dogrusy, ol ölüm bilen öwrenişipdi. Göni gelen ajalyň köp gezek ondan sowlup geçmegi, heläk bolaýmaly pursatlarda hem bitiniň burnunyň ganamazlygy ölümiň asla ol hakda pikir edeniňe degýän zat däldigi baradaky pikirini has hem berkidipdi. Her kim özüne berlen demi soňuna çenli sanaýmalydy. Öz ýolunda gabat gelen adam heläkçilikleriniň köpüsini ol diňe ýazgyda salgylanyp düşündirip biler. Ýazgyt baradaky düşünje  bolmasady, onda ol öz yzyna düşüp, heläk bolan ýetginjekleriň hossarlarynyň gözüne nädip seredip bilerdi? Jeňde wepat bolan kakalarynyň mähriban keşbini synlamakdan mahrum bolan çagajyklaryň ýürek zarlary ony bir wagt ýere sokmazmydy? Musulman bendeleriň içinde kim ony ýazgaryp biler? Hanlygy eden-etdilikdir öýdýän birlän-ikilän bihepbeden başga onuň öz gününi bir höwes edip biljek barmy? Iliň öňüne düşjek bolup, eden sogap işleri bilen günäleriniň hasabyny ýitireniň dat gününe! „Allah şaýatdyr: men öz bähbidim üçin bu ýola baş goşmadym. Men ilime abadançylyk isledim, türkmeniň namys astynda galmazlygyny isledim…”

Gowşut hanyň dabanynda dörän ýara barha ulalýardy. Ol munuň ýaly ýarany öň görmändi. Her hili dert boljak oguşýa. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly Gara tebip hem daşkyrak garyndaşlarynyňka gidipdi. Hernäme-de bolsa, ondan habar tutmak gerek. Gowşut han gatyrak ardynjyrady. Onuň häsiýetine düşüş Humsagül derrew onuň oturan otagyna girdi.
– Bar, Ýaýlyma aýt, Gara tebipden habar alsyn. Eger ol garyndaşynyňkydan dolanyp gelen bolsa, meniň ýanyma bir gelip gitsin.
Adamsynyň sesinden hiç hili howsalaly bir zat aňmadyk Humsagül ogluny Gara tebibiň öýüne ugratmak  üçin daş çykdy. „Daň bilen tebibi näme etjekkä bi. Hernä eýgilik bolaýybilsedir”.
Gowşut han tebiplerden diňe Gara tebibe janyny ynanýardy. Kim bolsaň hem, eýläň-beýläň agyrman bolanok. Han seýrek hem bolsa tebibe ýüz tutmaly bolýardy. Gara tebibiň diline berkliginiň arkasyndan onuň kesellänini eşiden ýokdur. Hatda öz aýaly hem bile ýaşaşan şunça ýyllarynyň dowamynda onuň haçan niresiniň syzlanyny bilen däldir. Gowşut han ömründe öz ýanýoldaşyndan gaýratly aýala duş gelmändi. Han nirä gitse-de, yzyndan arkaýyndy. Özi ýok wagty myhman geläýse-de, aýaly är ornunda durup, oňa hezzet-hormat hem eder, habaryny hem alar. Garaz hanyň ýoklugyny oňa bildirmez. Şonda-da heleý diýeniň heleý bolýar. How enemiz şeýtanyň gepine gidip, bar zady bulaşdyrmadymy? Bular dagy näme? Aýaly tarapdan juda arkaýyn hem bolsa, Gowşut hanyň oňa içini soňuna çenli döken gezegi ýokdur. Sen iliň öňüne düşeňsoň, duýgularyň hem, syryň hem eýýäm diňe saňa degişli bolmagyny bes edýär. Seniň syryň iliň syryna öwrülensoň, ony kime açarsyň? Han ejizlese, ili neýlesin? Hanlarynyň ýarawsyzdygyny duýan halkyň endamy üşütmezmi?
Gara tebibiň garyndaşlarynyňkydan dolanyp gelmändigini bilensoň, Gowşut han biraz darygjak boldy. Aýagyndaky ýara kem-kem ulalmak bilendi. Ýara ulaldygyça, agyry-da güýçlenýän ýalydy. Ol birden ukudan oýanan ýaly boldy. Oňa duşmanlardan-a zeper ýeten däldir-dä? Sary hany zäherlejek bolanlaryny ol bilýärdi. Ol bir gezek Gowşut hanyňka gelende, köwşüni eýwanda goýman, öz ýany bilen alyp girip, keçäniň aşagyna salyp

oturypdy. Gowşut hanyň soragly nazaryny görüp, ol:
– Han aga, bu jan indi biziňki däl-dä. Hatda geýýän köwşümizem iliňki. Amanat zat hem gözüň alnynda bolsa ýagşy – diýipdi.
Gowşut han şonda öz dostunyň hüşgärligini ýazgarmadyk hem bolsa, onyň hereketinden özi uçin netije çykarmandy. Ajal ony özüne öwrenişdirip, gözüni baglaýan-a däldir-dä hernä? Ýa ol täleýe aşa töwekgelçilik edäýdimikä? Şu wagt munuň kellesine gelýän zady diýsene.
Gara tebip köp keselleri ýüzärligiň kömegi bilen bejererdi. Ol: „Bu ot bir gudratdyr” diýerdi. Jeň wagty ýigitlere ýara düşende hem, ilki bilen ýarany ýüzärligiň suwy bilen ýuwardy. Gowşut hana öz derdini ayaly bilen paýlaşmakdan başga alaç galmadyga meňzeýär. Ol başyna inen bu musallady ondan näçe gizlejek hem bolsa bolmaz. Oňa bir zat bolýanyny aýaly, iň bolmanda, öýle namazynyň wagty girende aňar. Gowşut han, köplenç, öyle namazyny okajak bolanda täretini täzelärdi. Täret almak üçin oňa suw gyzdyryp bermegi Humsagül öz borjy hasaplaýardy. Aýagyndaky ýara şeýdip ulalyp gidip otursa, täret kylyp biljegi-bilmejegi hem gümana. Täret kylmasa-da aýalynyň soragly nazaryndan sypyp bilmez. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly Gara tebibiň hem bolmaýşyny diýsene. Ogullaryna-da jan ynanarlygy ýok… Ol ardynjyrady. Onyň beýtmegine ýörite garaşyp duran ýaly, Humsagül derrew onuň oturan otagyna girdi. „Be, şü hem bir zat duýýan ýaly, öýüň töwereginden aýrylanogaý” diýip, Gowşut han böwrüni diňledi.
– Humsagül, bar, bir legen gyzgyn suw bilen bir bogdak ýüzärlik alyp gel. Näme biz Gara tebipçe ýokmy?
Aýaly onuň ýüzüne geň galyp seretdi. „Degişme  nireden munuň ýadyna  düşýärmiş bu wagt? Sesem birhili mylaýymlanan ýaly-la munuň”.
– Ýüzärlik nämä gerek boldy, kakasy?
– Aýagymdan bir ýara dömüpdir. Gara tebibiň esasy dermany şü. Ýüzärligiň suwuna aýagymy ýuwsam, peýda edäýjek ýaly göwnüme.
Adamsynyň sözlerine hämüçindir Humsagülüň ini dyglap gitdi. Göwnüne bolmasa, ol sözlerde alaçsyzlyk äheňi duýulýan ýalydy. Ol adamsyny beýle ýagdaýda henize çenli görmändi. Onuň bilen iç döküşip, mesaýy gürrüň edip oturan wagtlary ýadyna düşenok.

Şonda-da ondan bir pursat hem dilgir bolmandy. Arkasynda dag baryny duýup ýörmegi onuň üçin ýeterlikdi. Humsagül hem häz-de-kereşme bolmagy halamazdy. Gepsiz-sözsüz hem ikisine bar zat aýandy. „Şu gün maňa bir zad-a bolýar gyz. Turalym bäri bir zat ünji bolup dur. Eýgilik bolsun-da hernä.”
Humsagül bugaryp duran suwly legen bilen bir bogdak gury ýüzärlik alyp, gaýdyp gelende, Gowşut han, öňki endigine görä, syr bildirmezlige çalyşdy. Ýogsam aýagyndaky ýara ony ynjalykdan gaçyrypdy. Ol birhili suwjaryp hem barýan yalydy. Bir topar işinden galyp oturşyna onuň hasam jany ýanýardy. Onuň beýemçiligine adamlar hem halys öwrenişipdirler. Özleri bir işiň başyny başlajak bolsalar, ýaga depjek ýaly bolşup durlar.
– Bu zatlary goý-da gidiber. Munuň özüm bir alajyny tapjak bolaryn. Biz näme Gara tebipçe ýokmy? Inşallah, hemme zat gowy bolar.
Gowşut hanyň öz bolşuna öz gahary gelýärdi. „Göwünlik berjek bolmak nämä gerekdi? Heleý ýaly syzgyr halk bolmaz. Bular bir zowzullap ugrasalar, bar zadyň bulaşdygy biläý”. Gowşut han öz aýalynyň ol tetelli aýallardan däldigini bilip dursa–da, bu sözleri aňynda aýlanyny duýman galdy. Bolýar eken-dä …
Humsagül iki aytdyrman çykyp gidensoň, Gowşut han tebipçilik etmäge başlady. Ol gury ýüzärlik dessesini gyzgyn suwly legende gowy edip ýumşatdy. Soňam ýumşan ýüzärligi alyp, ýarasyna sürtmäge başlady. Beýtmekden hem netije çykmady. Gaýtam, ýüzärlik sürtüp oturşyna ýaranyň ýüzüni hem sypjyrdy. Ýara barha suwjaryp gidip barýardy. Gowşut han bu ýara bilen oýun etmeli däldigine düşünip ugrady. Ol Gara şeýtanyň yzyndan adam ibermegi ýüregine düwdi…
Gara şeýtan diýilýäni şu töweregiň köpi gören adamlarynyň biridi. Ol gan dawasyna ulaşyp, ir döwürde Buhara göçüp gidipdi. Oňa beýtmegi ýaşulularyň maslahatynda Gowşut han maslahat beripdi. Buhara baransoň, Gara şeytan täjirçilik edip, gaty baýapdy. Emiriň hem ynamyna girmegi başarypdy. Ony Buharada Gara Dadho ady bilen tanaýardylar. Gowşut han rus goşunlarynyň garşysyna uruşmakda Buhara emirine kömege baranda, bu ikisi duşuşyp, şonda Gara şeýtan ýurduna

dolanaýmak meýliniň bardygyny duýdurypdy. Ol obasyna gaýdyp gelip, Gowşut hany arka tutunyp, pulunyň jadysyny ulanyp, garaz, dawagärlerini razy etmegi başarypdy.
Gara şeýtan Gowşut hanyň aýagyndaky ýarany göreninden, ýagdaýyň gowy däldigini bildi. Bu ýönekeý ýaranyň oýny däldi. Hernäme-de bolsa, ol howsalasyny daşyna çykarman, ýagdaýy anyklamaga çalyşdy.
– Han aga, aýagyňa näme boldy? Düýnem-ä tut ýalymykaň diýýärdim.
– Täret almaga çykamda-da bildirýän zady ýokdy. Namaz okamda-da biynjalyk etmedi. Şondan soň dabanymyň aşagy gijimseýän ýaly etdi. Soňam ýara emele gelip, ulalyp başlaberdi bü.
Gara şeýtan başyny ýaýkanyny duýman galdy. Häk, eden çaky dogry bolup çykayjakmyka?
– Han aga, aýalyňy çagyr. Sorajak zadym bar.
Adamsynyň ardynjyramasyny eşiden Humsagül içeri girip, näme diýiljegine garaşdy. Gara şeýtan parahat sesi bilen oňa ýüzlendi:
– Gelneje, şu gün irden öýňüziň töwereginde del adam-a görnen däldir?
Gara şeýtanyň sesi näçe parahat çykan hem bolsa, Humsagülüň ini dyglap gitdi. Bu sorag ýöne ýere berilmeli däldi.
– Gara dogan, men-ä del adam gören däldirin. Mamagül-ä irden köz alyp gitdi.
– Başga gören adamyň ýokmy?
– Men-ä daňdandan bäri şu töwerekde del adam görmedim.
Gara şeýtan biraz böwrüne diň salyp oturdy. Bu zatlara Mamagülüň-ä dahyly ýok bolsa gerek. Hernäme-de bolsa, onuň hem gözüne dikanlap bakyp görmek gerek. Şeýtanyň aly azmy näme? Gara şeýtan birden ukudan oýanan ýaly boldy. Onuň gulagynda öten agşam aýalynyň aýdan sözleri ýaňlandy: „Mamagül görgülem agyr ýatyr diýýärler. Bir hepde bäri gyzgyny gaýdanokmyş. Çülpe çagalaryny döküp gidiberjekmikä bagtyýatan?” Düýn demini sanap ýatan adamyň bu gün daň bilen köz diläp gelmesi dogrudan hem geňdi.
– Ir bilen gelen hakykatdanam Mamagülmidi?
Humsagül Gara şeýtanyň beren soragyna tisginip gitdi. Şu wagt

onuň ýadyna ir bilen Mamagülüň hereketlerini geň görşi düşdi. „Wiý, o görgüli agyr ýatan bolmal-a…” Humsagül özüne berlen soraga jogap hem berjek bolman, daşaryk okduryldy. Ol eýýäm Mamagüllere ýetip barýardy. Ol ýerinden galyp bilmän ýatan Mamagüli görüb-ä hasam aljyrady: sen-men ýok – gelşi yaly, ýene yzyna ylgady. Hassa bilen başagaý bolup oturan aýallar onuň gelenini hem aňman galdylar.
Indi Humsagülüň ýüregi agzyndan çykyp gelýärdi. Ol yzyna dolanyp gelip, adamsydyr Gara şeýtanyň ýüzündäki arkaýynlyga aldanjak ýaly etse-de, ýüregi bir bolmasyz işiň bolanyny syzyp durdy. Gara şeýtan irden gelen ayal barada jikme-jik soransoň, hiç kime syr bildirmezligi tabşyryp, Gowşut hana ümledi. Hanyň sesi arkaýyn çykdy:
– Humsagül, işiň bilen boluber. Menden bidin birine bir zat aýdyjy, ýa bolmasa, bir hokga çykaryjy bolaýma.
Humsagül çykyp gidensoň, Gara şeýtan Gowşut hana ýüzlendi:
– Iş pyrryk, han aga. Bu yerde duşmanyň eli bar-a meňzeyär. Aýagyňdaky ýara däl, ol zäheriň oýny bolmaly. Zäheriň garşysyna ýüzärligiň eden zady bolmaz. Onyň başga bir alajyny tapmak gerek.
Birden bir zat yadyna düşen ýaly, Gara şeýtan tarsa ýerinden turdy-da, otagdan çykyp gidip, yz yany bilen hem eline Gowşut hanyň daş çykanda geýýän köwşüni alyp, dolanyp geldi.
– Zäher köwşüňe sepilen bolmaly. Özem çep taý köwşüňe. Muny başga biri bir aýagyna sokaýmasyn, aňryňda goý, han aga.
Gowşut han duşmanlaryndan beýle namartlyga garaşmandy. Ýa agyr jeňlerde gazanylan ýeňişler onyň gözüni gapaýdymyka? Sary hanyň hüşgärligini artykmaç bir alada saýan onuň özi dälmi? Sary han geýip gelen köwşüni üstünde oturan keçesiniň aşagyna salanda, oňa artykmaç söz aýtmadyk hem bolsa, içinden: „Göni gelen ajaldan beýdip sypyp bolmasa gerek” diýip pikir edipdi. Ýa Sary hanyň hereketi onuň üçin duýdurışdymyka? Boljak işe çäre-hä ýokdur welin, beýdip maýyp bolup oturybermegem-ä bolmaz. Gara tebibiňem tapdyrmaýşyny diýsene. Işigaýdany pygamber hasasy bilen dürter diýenleri boldy bi. Şu gün-ä edenimiz tersine boldy durdy.
Gowşut hanyň aýagynyň agyrysy barha güýjeýärdi. Eýýäm

dabanynyň eti suw bolup akmaga başlapdy. Muny görüp, nijema agyr-agyr ýaralary gören hanyň hem ini dyglap gitdi. Jeňde alnan ýaranyň ýagdaýy düýbünden başgady.Ol ölüm howplumy, ýa bolmasa, ýaranyň bitmegine umyt barmy – öz-özünden düşnüklidi. Aýagyndaky ýara bolsa öň görüp-eşiden zady däldi. Nätanyş bela mydama-da howpurgadýar. Öz bolup oturşyna onyň jany ýanýardy. Iň soňunda görjegi şumudy. Bar işini taşlap, diňe öz janynyň aladasyny edip oturmak oňa ýokuş degýärdi. Ol özi sebäpli iliň içine ýaýrajak dowuldan utanýardy. Biderek ýere halky gozgalaňa salmaga hakynyň ýokdugyna oi gowy düşünýär. Bu oňaýly pursatdan peýdalanyp, onyň käbir duşmanlarynyň halky bulajak bolmaklary hem mümkin. Onsuzam halk ikä bölünene meňzeýär. Orslar bilen uruşmagy ýerliksiz hasaplaýanlaram ep-esli bar. Gowşut han bu adamlaryň ýagdaýyna gowy düşünýär. Olar näçe garadangaýtmazam bolsalar, ahyr bir gün ganly söweşlerden hökman iräýmeli. Adamyň tebigaty şeýle. Birden onuň yadyna Hojamşükür han düşdi. Ol goňşy döwletler bilen ylalaşyk ýoluny gözleýärdi, halkyň alamançylykdan ýüz öwrüp, yrsgyny ekerançylykdan gözlemegini, bilim almagyny, ylym öwrenmegini  arzuw ederdi. Wah, kim oňa garşy diýsene? Ol işleri amala aşyrmak üçin gaty kän ýyl gerek boljak. Duşmanlar şonça ýyllap aşyňa awy gatman durup biljekmi? Olara ýaranjak bolup, ezenegiň agaýmazmy? Ine, olaryň häzirki hereketi hiç mahal ýaman pällerinden gaýtmajakdyklarynyň subutnamasy dälmi? Belki, olar şu wagt Gowşut hana bir zat bolaryna garaşyp ýatandyrlar. Ýok, halys alaçsyz galýançaň, duşmana syryňy açmak bolmaz.

Gowşut hanyň pikiriniň arasyny Gara şeýtanyň aladaly sesi bozdy:

– Han aga, beýdip oturmag-a bolmaz. Golaý-goltumdaky tebipleriň, han begleriň üstüne adam ibereli. Maslahatly biçilen don gysga bolmaz diýipdirler.

– Beýtsek halkyň içine dowul ýaýramazmy? Döwrüň nähili galagoplydygyny özüň bilýäň.

– Eýtsek näme bolarka, beýtsek näme galarka diýip oturmaga wagtymyz ýoga meňzeýär. Han-beglere-hä Gowşut han maslahat etjek diýeris. Tebipleriňem agyzlaryny mumlamak meniň bilen.

Ýaradan saplanýançaň olary bir adamam görmez ýaly ederis. Olar gaşyňda çökýänçäler, näme üçin gelenlerinem aňmazlar.
Gowşut han ylalaşaýmakdan başga alaç tapmady. Belli-belli adamlara hanyň adyndan buýruk bermek üçin çykan Gara şeýtanyň yzynda içini hümledip galan han bir waka ýadyna düşüp, hyrçyny dişlänini hem duýman galdy.
Gowşut han şol gün ýaşulularyň birnäçesini ýanyna alyp, Mary bazaryna çykypdy. Halkyň hal-ýagdaýyny biljek bolsaň, bu ýere geläýmelidi. Bazara gözegçilik edýän ýörite adamlar hem bardy. Olar ýagdaýy habar berip durýardylar. Şeýle-de bolsa, adamlaryň gözüne bakmagyň, nazarlary bilen nazarynyň kaklyşmagynyň han üçin uly ähmiýeti bardy. Eýsem, gowgaly ömründe oňa güýç-kuwwat beren şu adamlaryň ondan edýän umydy dälmidi, oňa bolan ynanjy, goýýan hormaty dälmidi. Ýek-tük gyşyk söz oklaýanlaram tapylman duranok. Ilçilikd-ä. Olaryň gyjydyndan many çykarmagam hanyň borjy. Halamaýan zatlaryny göni ýüzüňe aydyp bilýän adamlaryň bolanyna şükür. Beýle adamlardan han gaty görüp durmazdy, gaýtam, olaryň eden belligi üçin öz ýanyndan minnetdar bolardy. Minnetdar bakyşlar güýç-kuwwat berse, bildirilen närazylyklar tijenmäge mejbur edýärdi. Bazarda söwdanyň gidişi hem hana köp zatdan habar berýärdi. Bu gezek onuň ünsüni çeken zat başga boldy. Arkasy meşikli hatar-hatar syryp: „Hudaýy suw bar, Hudaýy suw bar!” diýip, bazarçylara mugtuna içimlik suw paylap ýören adam Gowşut hanyň ünsüni özüne çekdi. Onuň bäri-bäriň adamsy däldigi her bir hereketinden bildirip durdy. Gowşut han onuň gelýän hataryna tarap ýöneldi. Näme üçindir Gowşut hanyň onuň gözüne seredesi geldi. Öz öňünde duran orta boýly, dolmuş, her egninde bir adam oturybermeli, tegelek ýüzli, torgaý gözli, giň maňlaýly geýnüwli pyýadany gören gelmişek onuň ýüzüne gözüni aýlan badyna, tisginen ýaly edip, ol ýerden daşlaşmak bilen boldy. Onuň nazary bilen nazary sähelçejik galtaşan Gowşut hanyň kalbyny ýigrenje meňzeş duýgy gaplap aldy. Ol ahally garyndaşlaryň han-begleriniň ýörite maslahat edip, Ahalyň çägine aralaşan islendik gelmişegi sorag-idegsiz duran erinde öldürmegi karar edendiklerinden habarlydy. Şeýle kararyň bärde-de çykarylmagy barada-da pikir etmän duranokdy.

Ony saklaýan zat beýle kararyň goňşy döwletler bilen edilýän söwdanyň ýatyp galmagyna getirip, adamlaryň hal-ahwalyny ýaramazlaşdyrar gorkusydy. Gowşut han öz yanynda duran ýaşululara ýüzlenip:
– Ana, hol gelmişegi göryäňizmi? Ol hökman içalydyr. Ol biziň kastymyza iberilen adamdyr. Ony tutup, öldüräýsek nädýär? – diýdi.
Aman mirap hemme ýaşulularyň pikirini  aýan edýäniň äheňi bilen:
– Muňa bazarda öňem birki gezek gabat gelipdim. Munuň şeýdip ezenegini agdyryp ýörmekden başga bitirýän goşuny görmedik biz-ä. Bir ters iş edip, indem onyň günäsini ýuwjak bolýan bolsa bildiňmi. Onsaňam: „Ýekäniň çaňy çykmaz” diýipdir könelerimiz. Ot bolanda munuň ýeke özi näme edip biljek. Her bir egnini gysyp ýöreni öldürmekden bitjek iş bolmaz – diýip seslendi.
Beylekileriň hem ýüzünden onuň aýdanlaryny makullaýandyklary görnüp durdy. „Haý, şu sähraýy türkmeniň ýerliksiz sadalygy galman geçjeg-ow” diýip, Gowşut han hyrçyny dişledi. „Ýogsam onuň agzy bişmek kemi galan däldir.” Gowşut han bu meselede ýaşulularyň razylygyny almagyň kyn düşjegini aňdy. Munuň üçin hökman maslahat  çagyrmaly bolar. Onda-da nähili karara gelinjegi belli däl. Ahyrynda hemmesini yrmak başardaýanda-da, bu, gör, näçe wagtyňy aljak.
Gowşut han şonda sesini çykarman, ýoluny dowam edipdi. Şeýdip hem ol derwüş sypat adam onyň ýadyndan çykdy. Hanyň aladasy ýetikdi. Her bir entäp ýörene munça wagtyny sarp etse, esasy işlere gar ýagmazmy?..
Gara şeýtanyň dolanaryna garaşyp, içini hümledip oturan Gowşut han şu wagt şol derwüşiň yadyna düşüşine geň galdy. Ýogsam, bazardaky şol duşyşykdan soň ony bir gezek hem ýatlamandy. Ýa ol şol gezek öz başyny çokmaly ajal guşuny geleňsizligi sebäpli çirtmeginden sypdyraýdymyka? Bu çaklama öz-özünden ynama öwrüldi. Ol häzirki bolup oturşynyň sebäpkäriniň kimdigine göz ýetirendigine birjik hem şübhelenenokdy. Ol utuldy. Ykbaldan utuldy. Onuň henegine düşünmedi…
– Han aga, çaparlary ýola saldym. Ilki tebipleri getirtjek.

Han-begler bilen „maslahata” soň başlaýarys.
Bu Gara şeýtanyň sesidi. Onuň sesinden hem, ýüzünden hem uly alada galandygy görnüp durdy. Hanyň aýagyndaky ýara indi geljek tebipleriň çäre tapjaklaryna ol hiç ynanyp bilmeýärdi. Ol howlukmalydygyna, özi-de örän howlukmalydygyna aňryýany bilen düşünýärdi. Başga wagt şondan ugurtapyjy adamy tapaýmak hem aňsat däldi. Häzir bolsa ol özüni edere iş tapman, sölpüldäp ýören bihepbe ýaly duýýardy. Ol hanyň ýarasyny ýene bir gezek synlanyndan soň-a has hem aljyrady. Ýaraly aýak suw bolup akyp barýardy.
Birden Gowşut hanyň ýadyna ogullary düşdi. Häzir nirede söwedeňläp ýörkä olar? Atalarynyň düşen gününi birden-biri bir duýýarmyka? Duý näme işlesin. Awdan-şikardan başga kellelerinde zat barmy olaryň? Uly ogly Baba han ýadyna düşende, onuň kejebesi has hem daraldy. Onuň bilen baglanyşykly bir wakany ýatlan han ýüzüniň gyzaranyny duýman galdy.
Hywa hanynyň, Eýran şasynyň goşunlaryny derbi-dagyn eden Mary türkmenleri indi ýigrimi ýyla golaý wagt bäri keseki döwletlere paç tölemeýärdi. Indi olara bu töwereklerde batyrynyp biljek güýç ýokdy. Buhara emiri Gowşut hana döwlet baştutany hökmünde garaýardy. Eýran hanlarynyň hem oňa bolan garaýşy üýtgäpdi. Hatda Eýran şasynyň özi onuň bilen deň derejede iş salyşmaly boljagyna düşünene meňzeýärdi. Bir gezek Maşadyň hany Gowşut hanyň uly ogly Baba hany myhmançylyga çagyrdy. Bu onuň şazada hökmünde ykrar edilmegini aňladýardy. Gowşut han muňa bada-bat düşündi. Eýran şasy juda aňryny tozadýardy. Barybir, türkmenler bilen deň derejede iş salyşmaly bolsalar, olaryň geljekki baştutanyny öňünden tanap goýsaň ýagşy. Gowşut han ol wagtlar oglunyň bir deräniň şiri däldigini duýsa-da, beýle derejede masgara eder öýdüp çaklamaýardy. Ýogsam, aýagyny sekdirjekmi onyň Maşada! Beýle boljagyny bilen bolsa, öz eli bilen onuň aýagyny omurmakdanam gaýtmazdy…
Maşadyň hany Baba hany uly dabara bilen garşy aldy. Nirede gören zady – Baba han donuna sygman başlaberdi. Han onuň käbir hereketini geňräk görse-de, özüni beýle şatlandyrar

öýtmeýärdi. Ol Baba hany agşamlyk naharyna çagyrdy. Dürli-dümen naharlardan, al-elwan içgilerden keýpini köklän Baba hanyň erni ernine ýetenokdy. Nahardan gowy doýlansoň, çaçak ýygnalyp, mesaýy gürrüňe başlandy. Maşadyň hany Baba hanyň telpegine ümläp:

– Gowy telpegiň bar ekeni. Bir ussadyň-a elinden çykan bolmaly – diýdi.

– Sapar keliň tiken telpegilaý. Biziň ýanymyzda köp kişi şonuň tiken telpegini geýýär – diýip, Baba han söhbetdeşiniň ýüzüne bakdy.

– Hernäme diýseňem, ýöne-möne telpeg-ä däl munyň. Belki, ony maňa satarsyň?

Baba hanyň abat gözi ýitelip gitdi. Onyň bir gözi şullydy. Ol içinden: „Şu telpegime beyle hyrydar gözi bilen bakýar welin, gel, şunuň ýagyrnişligini otlaýyn-la. Yzyma dolanyp baramda, gürrüň bermäge gowy bolar” diýip pikir edip, telpeginiň bahasyny ýokarlandyrmagyň kül-külüne düşdi.

– Han aga, gymmat telpekdir bi. Özüň aýdýaň-a gowy eken diýip. Seniň muňa puluň ýetmez.

– Aýt bahasyny. Bizem bir han bolup otyrys. Belki, agzyň geplänini gapyp berip bileris.

Baba han telpegini näçe bahalajagyny bilmän biraz ýaýdanyp oturdy. Gaty köp bahalasa, hanyňam onça puly bolman, telpegi satylman galsa, bu bir däl. Az bahalasa-da: „Haý, bir serbazdanam utulypsyň” diýiljek. Ol ahyrynda näme bolsa şol bolsun-a salyp:

– Munuň-a bahasy bäş ýüz tümendir, han aga – diýdi.

Han söwdalaşyp hem durman, onyň diýen bahasyny berip, telpegi satyn aldy. Soňra ol myhmanyny galasyna aýlady. Ol galanyň bir künjünde hatarlanyp goýlan toplary görkezip:

– Siziň iliňizde-de şunuň ýaly toplar barmy? – diýip, Baba handan sorady.

Baba han hondanbärsi bolup:

– Hyýh, munuň ýaly toplaň içinde biziň ýurdumyzda-ha ganjyk guzlayar – diýip, jogap berdi.

Baba han ertesi ýola şaýlandy. Maşadyň hany ony ugratmak üçin gelip, düýnki satyn alan telpegini gaytaryp berdi. Soňra hem:

– Biziň däbimiz şeýle – diýen boldy.
Soňra ol Baba hanyň eline bir hat tutdurdy-da:
– Şuny Gowşut hana gowşur. Özüne-de köp salam ayt – diýdi.
Maşat hanynyň hatyny okan Gowşudyň ýüzi üýtgäp gidipdi. Hatda: „Gowşut han, şundan başga-da ogluň bar bolaýbilse ýagşydyr. Baba handan başga ogluň ýok bolaýsa, onda, haýp, yzyň ýitipdir” diýen sözler bardy. Gowşut han şonda ogluna erbet sögüpdi. Türkmeniň telpegini diňe başy bilen bile berýändigini bilmeýän adama näme diýeňde-de peydasy ýokdy.
Gowşut hanyň Baba handan başga-da bäş ogly bilen bir gyzy bardy. Beýleki ogullary hem iliň derdine ýarajaga meňzänoklar. Şolar yaly yüz ogluň bolanda näme? Bir gyzy Keýikden göwni suw içýär. Olam naçar maşgala bolýar. Öleňde uly sesini edip aglaýmasa, onuň elinden näme geljek? „Ineriň döli bolmaz” diýýänlerimikä ýa şu? Ýedi arkaň ýüküni egniňe atjak bolup, maýrylan–a dälsiň-dä? Ýaradanyň bihasap zady-ha bolmaly däl… Munda onuň öz günäsiniňem bar bolmagy mümkin. Ol ogullaryna terbiýe berip bilmedi. Beýtmäge eli hem degjek däldi. Aýalynyň güni hem özüniňkiden gowy däl. Hanyň öýüniň gelim-gidimi hem oňa işdi. Onuňam daşyndan ýedi çaga dogrup berdi. Aýalynyň bir gezegem onuň ýüzüni gyzardan ýeri ýokdur. Özlerinden nädip şular ýaly bihepbe ogullar doglanyna ol geň galýar. Bu ýerde terbiýeden başga-da Yaradanyň aýratyn hasabynyň bar bolmagy hem mümkin.
Gowşut han ölüm hakda oýlanyp ýörmezdi. Onuň üçin ölüm diýen zat ýokdy. Öňde nirededir bir ýerde baky ýaşaýyş garaşyardy. Bar bolany şo. Bu panyny terk etmegiňe sebäp boljak zady bolsa diňe Ýaradanyň özi bilýärdi. Şeýle bolýan bolsa, ol hakda pikir edip oturasy iş ýokdy.
Gowşut han şu wagt özünden nägile boldy. Ölüm nirden ýadyňa düşüp ýör diýsene! Ol agyr oýlara gark bolup oturşyna, häzirki düşen gününi unudaňkyrlapdy. Diňe öňki endigine görä, ýerinden gobsunjak bolup, ýaraly aýagyna agram berende, çekip-çydardan agyr bolan agyry ony bu hysyrdyly dünýä gaýdyp getiripdi. Ol öňünde ýaýdanjyrap oturan Gara şeýtany görüp, ýüzüni çytanyna utandy.
Günortanyň öňýany golaý-goltumdaky tebipleriň bary Gowşut

hanyň öýüne ýygnandy. Esen tebibiň özi ýaraman ýatyr diýdiler. Olaryň yzyndan baran çaparlar artyk zat aýtman, diňe munuň hanyň buýrugydygyny, gaty tiz atlanmasalar, onuň gazabyna duçar boljaklaryny aýtmak bilen oňdular. Tebipleriň iki aýtdyrany bolmady. Olar dört adamdy. Barynyň hem bilýän zatlary hem, bejeriş usullary hem birmeňzeşräkdi. Diňe Myrat tebip döwük-ýenjik bilen iş salyşýardy. Gara şeytan ony görüp: „Muny çagyrmasaňam boljak eken. Hanyň derdi döwük-ýenjikden çökderräk bolaýmasa” diýip oýlandy. Onda-da sesini çykarmady – ur-tut yzyna gaýtaryp goýbermegiň ebeteýini tapmady.
Tebipler törde oturan Gowşut han bilen görşüp, hal-ahwal soraşmaga başladylar. Öňden gelýän däbiň düzgünleri yerine ýetirilensoň, olar görkezilen ýerde ornaşdylar. Olar heniz hem näme üçin çagyrylanlaryny bilenokdylar. Bu wagt Gowşut hanyň ýüzünden hiç zat aňmak mümkin däldi. Ýöne bu ýeri keçe-keçe oýnalýan ýer däldi. Ara düşen bir pursatlyk dymyşlykdan soňra Gowşut han Gara şeýtanyň ýüzüne dikanlady.
– Şu ýerde görjek, biljek zatlaryňyzy jahanyň ýeli bilen hoşlaşýançaňyz ynsam, jynsam bilmeli däldir – diýip, Gara şeýtan söze başlady. – Bu barada gürrüň ýaýradygy ilki bilen sizden görüljekdir. Onuň yzynyň näme bilen gutarjagyny bolsa menden gowy bilýäňiz. Indem ýeke-ýekeden hanyň öňüne baryp oturyň.
Hanyň aýagyny ilki bilen Salyh köse gözden geçirdi. Bu zamanyň tebibini ýara bilen gorkuzjak gümanyň barmy? Salyh köse gajarlar bilen uruşda boýdan-başa türkmen urşujylarynyň ýanynda bolupdy. Ilkibada uruşda olara düşýän ýaralaryň elhençligi onuň sussuny basardy. Soň-soňlar bolsa olar yaly yaralara em etmek onyň üçin adaty bir zada öwrülip gidipdi. Ol ýaradaryň çekýän ejirine üns bermegini goýupdy. Soňunyň düz boljagyny bilen halatynda, ol ýaranyň näçe wagtda bitjegini kesgitlärdi-de, her gezek ýaranyň sargysyny täzelände, öz çakynyň çykyp-çykmaýanlygy bilen gyzyklanardy. Bar bolany şol. Adamyň öwrenişmejek zady ýok bolara çemeli. Ýöne Gowşut hanyň aýagyndaky ýarany görüp, haýyganyny ol duýman galdy. Ony gorkuzan zat ýaranyň elhençligi däldi. Ol mundan beter ýaralary-da görüpdi. Ýaranyň häsiýetiniň düşnüksizligi

ýamandy. Ol adamyň bedenini iýýän zäheriň bardygy barada eşidipdi. Ýöne onuň garşysyna näme ulanmalydygyny welin bilmeýärdi. Ony haýykdyran zat ýagdaýyň çykalgasyzlygydy. Ýanyndaky tebipleriň hem muňa edip biljek emleri ýokdy. Ol sesini çykarman, ýerinden galdy-da, öňki oturan ýerine baryp çökdi. Beýleki tebipler hem onyň hereketini gaýtaladylar. Soňra olar öz aralarynda maslahatlaşyp, gelen netijeleri barada habar bermegi Salyh köseden haýyş etdiler.
– Ýagdaý gowy däl, han aga – diýip, Salyh köse ýaýdanmaç gürledi. – Bu zäheriň oýny bolmaly. Onuň dermany bolsa bizde ýok. Diňe bir ýol galýar – olam aýagyňyzy heniz zäheriň täsiri görünmeýän ýerinden kesmek. Onyň üçinem ýalňyz gural – batyrlaryň gylyjy. Ýöne şonuň bilenem zäheriň täsiriniň öňüni alyp boljagyny kesgitli aýtmak kyn. Beýle ýagdaýa öň duşmandyk, han aga. Kesilen aýagyň ganyny duruzmaga güýjümiz ýetjek. Galanam näme, Allahyň işidir-dä.
Öýüň içine ümsümlik aralaşdy. Gara şeýtan şundan gowy zady eşitmejegini öňden hem bilip otyrdy. Gowşut hanyň ýüzünden hem bir zat aňlamak kyndy. Ol parahat oturşyny üýtgetmän:
– Gara, tebipleri goňşy öýe alyp baryň. Gelen netijämizi olara aýdarys – diýdi.
Çagyrylan handyr beglerdir ýaşulylar hem Gowşut hanyň öýüne ýygnanyp ugradylar. Olaryň aladaly keşbinden bu maslahatyň sebäbiniň ynjalykdan gaçyrýandygy bildirip durdy. Beýle gyssagly nähili mesele ýüze çykdyka? Öňler maslahat çagyrylanda birnäçe gün öňünden habar iberilip, maslahatda gürrüňiň näme hakda gitjegi mälim edilerdi. Onsuzam maslahatyň sebäbi derrew il içine dolardy. Bu gün näme bolduka? Uruş-sögüş gürrüňem-ä ýok ýaly.
Maslahata ýygnananlar Gowşut hanyň parahat keşbini görüp, biraz ynjaldylar. Gara şeýtan tebipleriň maslahat bermegi bilen Gowşut hana tiryegiň şiresini içiripdi. Şire onuň aýagynyň agyrysyny biraz basmarlady. Maslahata gelenleriň öňünde müzzerip oturyp bolmaz-a. Gelenler han bilen salamlaşyp ornaşdylar. Ara düşen ümsümligi Gowşut hanyň özi bozdy:
– Adamlar, häzirki mesele birýaňalyk bolýança, bu hakda şu ýerde oturanlardan başga adam ogly bilmeli däldir. Bu

birinjiden. Ikinjidenem…
Ol çep aýagynyň üstüne atylan dony galdyryp, bir gapdalda goýdy. Oturanlar gyzyl jižžik bolup duran aýagy görüp, birhili boldular. Han nädip bu güne düşüp ýörkä? Ýa bir ýerden ýagy çozaýdymyka? Aý ýok, şonuň ýaly bir zat bolan bolsa, eýýäm iliň içine dolardy. Onda näme bolduka? Gowşut han olary pal atmaga goýmady:
– Kellämizi etegimize salyp gezdik – duşman eýe çykyp bilmedi. Döşümizi açyp gezdik – duşman okuny dogry çenäp bilmedi. Goragçysyz gezdik – duşman güpbasdy edip bilmedi. Arman gowşak ýerimizem bar ekeni. Dabanymyzy goramaly ekenik. Duşman bir ayalyň kömegi bilen köwşüme zäher sepipdir. Indi puşmandan peýda ýok. Tebipleriň gelen netijesi şeýle: ýaraly aýagymy zäheriň ýeten ýeriniň ýokary ýanyndan çapmaly. Beýdilende-de soňunyň näme bilen gutarjagy belli dälmiş. Ýöne şondan başga çykalga ýok. Ilki aýtjak zadym – gaty hüşgär boluň. Belki, duşman maňa bir zat bolaryna garaşyp ýatandyr. Şu günki erkinligiň bize nähili gymmat düşenini unutmak bolmaz. Öz içiňize-de häzir boluň. Garaw görmejegini bilse, gaňňasyny garnyna almaga synanyşanyňam tapylmagy mümkin. Allah gowusyny etse, belki, bu gezegem  ajal menden sowlup geçer. Jahanda bir aýagyny aldyran gyt däl. Menem şolaryň biri boljak ekenim-dä. Bir aýaksyzam maksadyma ýetjegime ynamym bar. Ýöne bu işi biriňiziň boýnuňyza almagyňyz gerek. Aýagymy özümem çapsam çapardym. Ýöne ol ýerliksiz töwekgelçilik boljak. Gylyjyň sowa düşmegi, ikinji urga-da güýjümiň ýetmezligi mümkin. Bu işi bir urguda bitirmek gerek. Galanyny tebipler oňarar.
Oturanlardan ses-seda çykmady. Hanyň teklibi olary şeýle bir aljyradypdy welin, gelen batlaryna üstlerinden sowuk suw guýlana dönensoňlar, bu gezeg-ä näme diýjeklerini hem bilmediler.
Gowşut hany soňky döwürde bir ýagdaý ynjalykdan gaçyrýardy. Hywa goşunlary bilen bolan urşam, gajarlar bilen bolan urşam öz ýeňişleri bilen tamamlanandygyna garamazdan, köp gerçekleriň başyna ýetipdi. Şeýdip gidip otursa, halkyň öňüne düşüp biläýjek adamlary tapmagyň örän kynaljagyna ol gowy düşünýärdi. Bar zat onuň daşynda pyrlanýardy. Egindeşleriniň

köpüsiniň döwleti dolandyrmak endikleri hem ýokdy. Ol endik nireden bolsun diýsene? Şu wagta çenli türkmen bir döwletli bolanyndan ýüz „döwletli” bolanyny gowy gördi, her kim özüni bir obanyň hany, bir deräniň şiri saýdy. Hut şol sebäpli hem ýüz esse köp horlandy. Hernä soňky döwürde adamlar biraz aklyna aýlanana meňzeýärdi. Bar zadyň öz ýerini tapmagy üçin entek kän wagt gerek.
Gowşut han oturanlardan kimiň bu işi ýerine ýetirmegi boýnuna aljagyna garaşyp otyrdy.Ýöne olar gozganjaga meňzemeýärdiler. Ahyry Aman serdar dil ýardy:
– Han aga, bu işde ogullaryňyzdan öňe geçip bilmeris. Tüweleme, olaryň islendigi hem bizçe gylyç oýnadyp bilýär.

(Dowamy bar)…

Taryhy proza